# Görmedim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Görmedim

GÖRMEDIM

Mährem nazarňy görüp, ygtyýarym ýitirdim,
Juda alys menziller seň ýanyňa ýeterden.
Kalpda duýgy galmady, gorky-ürki, hederden,
Aýlanyp dur asmanym, pikir-oýum pytrady,
Hiç duşmadym, görmedim seniň kimin gudraty!

Ýürek gobsunyp gitdi, ejap eýläp güleňde,
Yşk hökümdary bolduň jigerde hem köňülde.
Umyt atym jylawsyz, ýyllar ýatyr öňümde,
Indi diňe şatlyk ber, rowa görme hasraty.
Hiç duşmadym, görmedim seniň kimin gudraty!

Sensiň yşkyň jemaly, men şol yşkdan heserli,
Duýmadyňmy nazaryň jiger-bagrym kesenni!
Sen Allanyň emrinden dörän kämil esermi?
Sende-le gyz ähliniň, edep-haýa, hormaty.
Hiç duşmadym, görmedim seniň kimin gudraty!

Aram tapýar ýüregim, geljek ýoluň peýlesem,
Erk-ygytýarsyz aşyk, şondan artyk neýlesin!
Hak beren şirin jany bir saňa bagş eýlesem,
Diý ýüregiňi, haýany ýüzüňe etme tuty,
Hiç duşmadym, görmedim seniň kimin gudraty!

Her ne jebir jepaga, gursagymda dözüm bar,
Meni şahyr edendir, şol garamyk gözüň ýar.
Saňa diýmeli sözlem kalpda düzüm-düzüm ýar,
Sen ömrüme melhemsiň, aşyk durkuň gurbaty.
Hiç duşmadym, görmedim seniň kimin gudraty!

Azymberdi KAKAÝEW.

Goşgular